# Hanha, mugallym barýar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hanha, mugallym barýar… HANHA, MUGALLYM BARÝAR…

Hanha, mugallym barýar,
Bolup bir gysym.
Elinde hasasy,
Maňlaýda gasyn.
– Dur-eý, adam ogly,
Eg oňa başyň!
Seň üçin agartdy,
Ol gara saçyn.
Meň üçin ýygnady,
Maňlaýa gasyn.
Biziň üçin aldy,
Gola hasasyn.

Hanha, mugallym barýar,
Billeri eglen.
Dursana mugallym!
Azajyk eglen!
Men-ä bi , birwagtky,
Garagol oglan…

A , ol gidip barýar,
Dähedem-dessem.
Öňünde baş egip,
Derdim egissem.
Hemem maňlaýdaky,
Gasynny öpsem.

Hanha, mugallym barýar,
Dünýäňe gurban.
Kütelen gözüňde,
Men özüm görýän.
-Ol geçip barýar,

Ýuwaşja ýöräp.
Käte-de ýylgyrýar,
Başyny yrap.

Wah, bolsady ony,
Ýyllardan gizläp,
Garrylykdan gorap.
Ýaşadyp bolsady,
Oňa ýaş sorap.
Durun-a çäresiz,
Yzyndan garap.

Hanha mugallym barýar,
Uly bir dünýä.

Ol garrap barýar.
Derdimiz sorup,
A, biz pikir edýäris
Baýlyk hakynda ,
Ýa-da karz alynan
Şaýlyk hakynda
Bu dünýäň aldawçy,
Maly hakynda.
Pikir edemizok-
Näme üçin.!?
MUGALLYMYŇ haly hakynda…
Ol bolsa, garrap barýar,
Bolup bir gysym,
Elinde hasasy,
Maňlaýda gasyn,
Togap et, ogşa
Oň basan yzyn.
Ogşa –
Soňam tagamna düşün.
Ylga –
Hol barýan ejiz,
Ysgynsyz göwräň,
Öňünde dyza çök.

Eg soňam başyň.
Ýeke syrdaşyň –
Ejeňiň öňünde
Egen dek başyň. Goşgular